**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— Durnukly kommunikasiýalar ulgamyny döretmek deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin möhüm meseledir.**

# NEBIT-GAZ

ESASLANDYRYJYSY — «TÜRKMENGAZ» DÖWLET KONSERNI

www.oilgas.gov.tm

Gazet 2011-nji ýylyň 6-njy sentýabryndan bäri çykýar

№ 32 (728) ● 2025-nji ýylyň 12-nji awgusty ● Sişenbe



# AWAZA FORUMY HALKLARYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRILEN TARYHY ÄHMIÝETLI WAKADYR

**5-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň açylyşy we birinji plenar mejlisi geçirildi.**

Foruma döwlet we Hökümet Baştutanlary, 100-den gowrak ýurduň, 50-ä golaý halkara guramanyň ýokary wezipeli wekilleri, 20-den gowrak dünýä belli kompaniýalaryň wekilleri gatnaşdylar. Bu ähmiýetli wakany giňden şöhlelendirmek üçin Awaza dünýäniň 40-a golaý ýurdundan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň 160-dan gowrak wekili geldi.

Halkara maslahatyň Plenar mejlisler zalynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň açylyşy boldy.

Maslahatyň Başlygy hökmünde BMG-niň Baş sekretary ony açyk diýip yglan etdi we giriş sözi bilen çykyş etdi.

Soňra maslahaty geçirmegiň düzgünlerine laýyklykda, ses bermek arkaly hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow maslahatyň Başlygy saýlanyldy.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Başlygy hökmünde çykyş etdi.

Hormatly Prezidentimiziň çykyşynda maslahatda seredilýän meseläniň ählumumy ähmiýetiniň bardygy we halkara işiň esasy ölçeglerini, ýagny ynsanperwer, ykdysady, durmuş, ekologiýa ýaly ugurlary öz içine alýandygy nygtaldy. Türkmenistanyň döwlet syýasaty adama, onuň isleglerine we zerurlyklaryna gönükdirilendir. Bu syýasat şahsyýetiň mümkinçiliklerini, döredijilik kuwwatyny ýüze çykarmakdan, ruhy we beden saglygyny üpjün etmekden, kanuny hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramakdan ybaratdyr.

Forumyň barşynda tassyklanan iş tertibine laýyklykda çykyşlar diňlenildi. Ilki bilen, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişe söz berildi.

Baş sekretaryň çykyşynda sanly infrastrukturany ösdürmegiň, sanly sowatlylygy ýokarlandyrmagyň we bu tehnologiýalara inklýuziw elýeterliligi üpjün etmegiň zerurdygy, özara söwdany, üstaşyr we sebit arabaglanyşygyny ösdürmegiň möhümdigi bellenildi. Serhetden geçiş amallarynyň ýeňilleşdirilmegi, standartlaryň özara laýyk getirilmegi, bökdençsiz söwda we üstaşyr geçiş amallarynyň üpjün edilmegi üçin hukuk binýadynyň pugtalandyrylmagy, durnukly ulag geçelgelerine, serhetüsti energetika ulgamlaryna, intellektual logistika platformalaryna maýa goýumlaryň gönükdirilmegi ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda görkezildi.

Soňra plenar mejlisiň dowamynda belent mertebeli myhmanlaryň çykyşlary diňlenildi.

Bellenilişi ýaly, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň 32-siniň hem ýüzbe-ýüz bolýan meseleleri BMG-niň Baş Assambleýasynyň üns merkezinde durýar. BMG-niň Baş Assambleýasy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleri hemişe goldar, şu gezekki maslahatyň dowamynda kabul edilen Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň ýerine ýetirilişine her ýyl seljerme geçiriler. BMG-niň çäklerinde işlenilip taýýarlanylan «Geljegiň maksatnamasynda» DÇBÖBD-niň hem-de üstaşyr ýurtlaryň, şeýle hem gyzyklanma bildirýän taraplaryň arasynda has ygtybarly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny kemala getirmek boýunça netijeli çäreler kesgitlenendir.

Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň çäklerinde anyk maksatlary we çäreleri özünde jemleýän oýlanyşykly gün tertibi işlenip taýýarlanyldy hem-de kabul edildi. Bu resminama ähli gyzyklanma bildirýän taraplary, şol sanda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleri, üstaşyr geçiriji ýurtlary we ösüş boýunça hyzmatdaşlary birleşdirýär. Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi milli syýasatlar bilen sazlaşygy, inklýuziwligi we jogapkärçiligi talap edýär. Şoňa görä-de, DÇBÖBD-niň maslahatynda ilkinji gezek ýöriteleşdirilen platformalar — raýat jemgyýeti, hususy pudak, ýaşlar, zenan ýolbaşçylar, parlamentariler we Günorta — Günorta ugry boýunça hyzmatdaşlar üçin meýdançalar hereket eder.

Giriş sözleri bilen çykyşlar tamamlanandan soňra, maslahaty alyp barmagyň tertibine laýyklykda, onuň düzgünleri we gün tertibi kabul edildi. Maslahatyň wezipeli wekilleri saýlanyldy hem-de beýleki guramaçylyk meselelerine seredildi.

Şunuň bilen maslahatyň açylyş bölegi tamamlandy.

Soňra maslahatyň umumy mejlisi öz işine başlady hem-de onuň dowamynda döwlet we hökümet Baştutanlary, şeýle hem wise-prezident derejesindäki wekiliýet ýolbaşçylary çykyş etdiler.

Umumy mejlisde çäkli sebit aragatnaşygy DÇBÖBD üçin esasy mesele bolup galýandygy we onuň ýokary ulag çykdajylaryny talap edýändigi, şeýle çäklilikleriň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde kynçylyk döredýändigi, DÇBÖBD babatda ählumumy gün tertibiniň çözgütlerini durmuşa geçirmekde taraplaryň garaýyşlary beýan edildi.

Bellenilişi ýaly, bu ugurda üstaşyr geçirýän ýurtlaryň, halkara we maliýe guramalarynyň tagallalaryny birleşdirmek, ulag,

(Dowamy 2-nji sahypada)

## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň birinji umumy mejlisindäki ÇYKYŞY

*(Awaza, 2025-nji ýylyň 5-nji awgusty)*

**Siziň Alyhezretleriňiz!**
**Hormatly Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary jenap Antoniu Guterriş!**
**Hormatly Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygy jenap Filemon Ýang!**
**Hormatly Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň Başlygy jenap Lok Bahadur Thapa!**
**Hormatly döwletleriň, hökümetleriň Baştutanlary, halkara guramalaryň, wekiliýetleriň ýolbaşçylary we wekilleri!**
**Hanymlar we jenaplar!**

Sizi Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna gatnaşýandygyňyz üçin Türkmenistanyň adyndan tüýs ýürekden mähirli gutlaýaryn hem-de minnetdarlyk bildirýärin. Bu maslahat dünýä ösüşiniň uly we derwaýys meselelerine gürrüňsiz degişlidir. Birleşen Milletler Guramasynyň giň gerimli maksatnamalaryny, ilki bilen, Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmäge, Geljegiň bähbidine paktyň strategik ýörelgelerine eýermäge

(Dowamy 3-nji sahypada)

2025-nji ÝYL — HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY




# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty mynasybetli dabaradaky ÇYKYŞY

*(Awaza, 2025-nji ýylyň 5-nji awgusty)*

**Hormatly Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary! Hormatly döwlet Baştutanlary! Hormatly Hökümetleriň we parlamentleriň ýolbaşçylary hem-de ýokary wekilleri! Hormatly halkara guramalaryň ýolbaşçylary!**

**Siziň Alyhezretleriňiz!**

**Hanymlar we jenaplar!**

Türkmenistanyň halkynyň adyndan sizi mähirli mübärekleýärin hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna gatnaşýandygyňyz üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Foruma gatnaşyjylaryň şeýle giň wekilçilikli düzümini Türkmenistana goýulýan hormatyň, ynamyň hem-de ýurdumyzyň halkara giňişlikdäki eýeleýän ornuna, hyzmatdaşlygy, özara düşünişmegi we ynanyşmagy ýola goýmakda edýän tagallalaryna berilýän ýokary bahanyň nyşany hökmünde kabul edýäris.

Hormatly foruma gatnaşyjylar, siziň ähliňizi türkmen topragynda gadyrly myhman, dünýäde parahatçylygyň, ösüşiň we abadançylygyň ýokary maksatlarynyň daşynda jebisleşen Türkmenistanyň hyzmatdaşlary hökmünde kabul edýäris.

**Türkmenistana hoş geldiňiz!**

**Hormatly foruma gatnaşyjylar!**

Şu gezekki maslahatyň geçirilmegi kanunalaýyk we çuňňur esaslandyrylandyr. Bu maslahat biziň ýurtlarymyz tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda alnyp barlan we ösüp barýan döwletleriň dünýä proseslerindäki ornuny ýokarlandyrmaga, olaryň meselelerine hem-de kanuny bähbitlerine ünsi çekmäge, häzirki zaman dünýä gurluşynda mynasyp ornuny üpjün etmäge gönükdirilen uly we çynlakaý işiň bir bölegi bolup durýar. Munuň özi ösüp barýan dünýäniň ep-esli bölegini emele getirýän şu maslahata gatnaşyjy ýurtlara hem degişlidir. Deňze çykalganyň bolmazlygy bilen baglanyşykly mesele boýunça hyzmatdaşlygyň täze netijeli we anyk çemeleşmelerini hem-de mehanizmlerini işläp taýýarlamagyň wagtynyň gelendigine berk ynanýarys.

Pursatdan peýdalanyp, şu foruma taýýarlyk görmäge we guramaga beren goldawlary üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary jenap Antoniu Guterrişe, BMG-niň ugurdaş düzümleriniň we edaralarynyň ýolbaşçylaryna minnetdarlygymy bildirmek isleýärin.

Biziň pikirimizçe, bütindünýä guramasynyň ýolbaşçylarynyň bu ugurda eýeleýän orny nusgalykdyr. Munuň özi Türkmenistanyň halkara jemgyýetçiligiň jogapkärli agzasy hökmünde alyp barýan netijeli işiniň ykrar edilýändigini görkezýär. Biziň daşary syýasatdaky ileri tutýan ugurlarymyz berk we üýtgewsizdir, Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk bolsa şolaryň esasysy we kesgitleýjisi bolup durýar. Bu strategik garaýşyň çuňňur sebäpleri bar. Türkmenistanyň uzak möhletleýin maksatlarynyň BMG-niň ählumumy Gün tertibiniň esasy ugurlary boýunça wezipeleri bilen gabat gelmegi bu sebäpleriň esasyny düzýär. Has takygy, Türkmenistan dünýä giňişligindäki ähli hereketlerini, başlangyçlaryny hem-de tekliplerini BMG-niň alyp barýan işine, onuň esas goýujy çözgütlerine, maksatnamalaýyn wezipelerine laýyk getirýär.

Biziň üçin BMG köpugurly ygtyýarlyklary bolan halkara guramadyr. Biz Milletler Bileleşigine häzirki zaman dünýä gurluşynyň esasy sütüni, dünýä giňişliginde parahatçylygyň we durnuklylygyň, halkara howpsuzlygyň kepili hökmünde garaýarys. Biz häzirki täze geosyýasy ýagdaýlarda BMG-niň Tertipnamasynyň ýokary ynsanperwer taglymlarynyň hem-de ýörelgeleriniň halkara tertibiniň hukuk we ahlak daýanjy bolmagynda galmalydygyna berk ynanýarys. Şunuň bilen baglylykda, bu maslahatyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Bitarap Türkmenistanda geçirilmeginiň aýratyn mana eýe bolýandygyny nygtamak isleýärin.

Türkmenistan BMG-ä, onuň ägirt uly döredijilik kuwwatyna ynanýar. Gurama bilen köpugurly hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugry bolupdy we şeýle bolmagynda hem galýar. Munuň özi uzak möhletleýin milli maksatlara we ähli dünýä jemgyýetçiliginiň bähbitlerine laýyk gelýändigini subut etdi we bu gün sebit hem-de ählumumy ösüşiň möhüm netijeli şerti bolup çykyş edýär.

**Hormatly maslahata gatnaşyjylar!**

**Gadyrly dostlar!**

Şu ýyl Türkmenistanyň Bitaraplygynyň halkara derejede ykrar edilmegine 30 ýyl bolýar. Döwletimiziň bu hukuk ýagdaýy şu ýyl döredilmeginiň 80 ýyllygy bellenilýän Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilipdi.

Şeýlelikde, biziň bitaraplygymyz köp babatda tutuş dünýä jemgyýetçiliginiň işiniň netijesidir. Biz bu hukuk ýagdaýyna hut şu nukdaýnazardan seredýäris we bitaraplygymyzy, onuň mümkinçiliklerini hem-de gurallaryny dünýäniň ähli halklarynyň hem-de döwletleriniň bähbidine ulanýarys.

Biz Türkmenistanyň Bitaraplygyny özara düşünişmek köprülerini gurmak üçin şertleri, esasy ählumumy meseleler boýunça köptaraplaýyn dialog, ykdysady, ekologiýa, syýasy, durmuş, ynsanperwer ulgamlarda jogapkärçilikli hyzmatdaşlyk üçin platformany döretmäge gönükdirmegi maksat edinýäris. Şu gezekki maslahat we onuň çäklerindäki dostluk, hyzmatdaşlyk, birek-birege hormat goýmak ýagdaýy şeýle çemeleşmäniň aýdyň mysalydyr.

Biziň kalbymyz we maksatlarymyz dünýä üçin açykdyr. Munuň özi Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy mazmunydyr. Türkmen halkynyň asylly häsiýetleri, beýleki halklara goýýan sylag-hormaty, ýardam bermäge, raýdaşlyk bildirmäge hemişe taýýardygy biziň halkara giňişlikde alyp barýan işimizde öz beýanyny tapýar. Munuň özi ýöne bir tejribe bolman, eýsem, Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň filosofiýasydyr.

Elbetde, şeýle syýasaty durmuşa geçirmek bilen, biz öz taryhymyza, gadymdan gelýän däp-dessurlarymyza esaslanýarys. Türkmenler gadymy, baý we özboluşly medeniýeti hem-de dünýägaraýşy bolan halkdyr. Şol bir wagtyň özünde, biz adamzat ösüşine saldamly goşant goşmaga çalyşýarys.

Häzirki wagtda Türkmenistan öz mümkinçiliklerini, toplan tejribesini özara hormat goýmak esasyndaky syýasy-diplomatik dialogy dikeltmek, halkara hukugy, BMG-niň eýeleýän ornuny we abraýyny pugtalandyrmak, Durnukly ösüş maksatlaryny hem-de BMG-niň bu giň möçberli maksatnamasynyň esasy böleklerini — ulag arabaglanyşygyny, energetika, suw, azyk howpsuzlygyny, saglygy goraýşyň, lukmançylyk hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmek, ynsanperwerlik meselelerini çözmek ýaly ugurlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ileri tutulýan ulgamlarda işjeň ulanýar.

Türkmenistan hyzmatdaşlykda özara ylalaşylan çemeleşmeleriň işlenip taýýarlanylmagy ugrunda çykyş edýär. Dürli döwletleriň, halkara düzümleriň ykdysady we syýasy mümkinçilikleriniň jemine esaslanýan uzak möhletleýin strategik maksatlar, bu mümkinçilikleriň ählumumy durmuş-ykdysady ösüşiň, abadançylygyň bähbidine jogapkärçilikli ulanylmagy şol çemeleşmeleriň esasyny düzmelidir. Şunuň bilen baglylykda, biziň maslahatymyzyň maksatlary örän giňdir we ählumumy ähmiýete eýedir. Bu maksatlar syýasy, ykdysady, söwda, medeni, ylmy hyzmatdaşlyga halkara derejede itergi bermäge we baýlaşdyrmaga gönükdirilendir.

Şu gezekki foruma gatnaşyjy ýurtlar bu gatnaşyklarda möhüm orun eýelemelidirler, hyzmatdaşlygyň başga formatlarda hem ulanyp boljak we ulanylmaly nusgalaryny ýola goýmalydyrlar hem-de umumy abadançylygyň we tutuş adamzadyň geljeginiň bähbidine işlemelidirler diýip hasaplaýaryn. Şunuň bilen baglylykda, parlament hyzmatdaşlygynyň, zenanlaryň, ýaşlaryň, çagalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň, sport hyzmatdaşlygynyň möhüm ähmiýetini bellemek isleýärin. Türkmenistanyň abraýly halkara düzümler bilen bilelikde ençeme ýyllaryň dowamynda bu ugurlarda guran çäreleri dünýäde möhüm wakalar boldy.

Şoňa görä-de, biz maslahatyň çäklerinde dürli mowzuklaýyn mejlisleri geçirmek pikirini goldaýarys. Şolaryň hatarynda Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy boýunça ministrler duşuşygy, raýat jemgyýetiniň we hususy pudagyň forumlary, zenan ýolbaşçylaryň duşuşygy, şeýle hem parlament we ýaşlar forumlary bar. Häzirki wagtda parahatçylygy hem-de durnuklylygy gorap saklamak we pugtalandyrmak, halklaryň, ähli sagdyn, netijeli güýçleriň gatnaşyk etmäge, özara düşünişmäge, hyzmatdaşlyga ymtylmalaryny goldamak üçin diplomatiýanyň, şol sanda halk diplomatiýasynyň ähli mümkinçiliklerini ulanmak möhümdir.

Biz Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahatyň we onuň netijeleriniň mundan beýläk-de bilelikde netijeli işlemek üçin berk binýady döretmäge hyzmat etjekdigine bil baglaýarys. Bu maslahat oňa gatnaşyjylaryň — onlarça ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, iň abraýly halkara guramalaryň hem-de institutlaryň ýolbaşçylarynyň erkini, jebisligini hem-de netijeli dialogy yzygiderli geçirmäge we hyzmatdaşlyk etmäge ygrarlydygyny görkezmäge gönükdirilendir.

Maslahata gatnaşyjylaryň ählisine üstünlikli işlemegi we hyzmatdaşlygymyzy pugtalandyrmakda, umumy döredijilikli maksatlarymyzy gazanmakda rowaçlyklary arzuw edýärin.

# AWAZA FORUMY HALKLARYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRILEN TARYHY ÄHMIÝETLI WAKADYR

(Başlangyjy 1-nji sahypada)

energetika we sanly infrastruktura ýaly esasy pudaklara maýa goýumlary artdyrmak zerurdyr. Şeýle hem ulag geçelgelerini we üstaşyr infrastrukturany ösdürmäge, demir, awtomobil, howa we deňiz ýollarynyň, logistika merkezleriniň mümkinçiliklerinden doly derejede peýdalanmaga ähmiýet bermelidir.

Şu forumyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG tarapyndan yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Hazar deňziniň kenaryndaky gözel Awazada geçirilmeginiň çuňňur manysy bardyr. Türkmenistanyň berkarar ösüş maksatlaryna eýermek, ählumumy berkararlyga hem-de parahatçylyga gönükdirilen başlangyçlaryna ýokary baha berilýär. Hereketleriň Awaza maksatnamasy doly goldanylýar.

6-njy awgustda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler (DÇBÖBD) boýunça üçünji maslahaty öz işini plenar mejlislerde dowam etdi.

Forumyň ikinji gününde dünýä bazarlarynyň elýetersizligi sebäpli, DÇBÖBD-niň durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösmegine päsgel berýän bökdençlikleri aradan aýyrmagyň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Awazada geçirilen maslahat deň mümkinçilikler barada ählumumy dialogy ilerletmekde möhüm tapgyrdyr. Foruma gatnaşyjy döwletlerden çykyş edenler ýygnananlary ileri tutulýan milli ugurlar we möhüm wezipeleri çözmekdäki garaýyşlary bilen tanyşdyrdylar. Şunuň bilen birlikde, bu maslahatyň gün tertibine girizilen meseleler boýunça halkara bileleşik bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň möhümdigi nygtaldy.

Geljek on ýyl üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy milli derejede kabul ediljek çäreleri, sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça tagallalary, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň durnukly ösüş ýoly bilen ynamly öňe gitmegine gönükdirilen strategiýany öz içine alýar. Bu maksatnama deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin ösüşiň täze mümkinçilikleri babatda geljege gönükdirilen «ýol kartasyna» öwrüler.

NEBIT-GAZ

# Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň birinji umumy mejlisindäki ÇYKYŞY

*(Awaza, 2025-nji ýylyň 5-nji awgusty)*

(Başlangyjy 1-nji sahypada)

dahyllydyr. Şoňa görä-de, şu belent münberden hormatly Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary jenap Antoniu Guterrişe, bu guramanyň agzalary bolan döwletleriň ähli Baştutanlaryna we wekillerine biziň şu forumymyza üns berýändikleri we deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlary hemmetaraplaýyn ösdürmäge berk eýerýändikleri üçin minnetdarlyk sözleri bilen ýüzlenýärin.

Biziň şu maslahatymyzda seredilýän meseläniň ählumumy ähmiýeti bardyr. Ol halkara işiň esasy ölçeglerini, ýagny ynsanperwer, ykdysady, durmuş, ekologiýa we beýleki ugurlary öz içine alýar.

Ilkinji nobatda, ynsanperwer meseleleriň möhümdigini bellemek isleýärin. Türkmenistanyň döwlet syýasaty adama, onuň isleglerine we zerurlyklaryna gönükdirilendir. Bu syýasat şahsyýetiň mümkinçiliklerini, döredijilik kuwwatyny ýüze çykarmakdan, ruhy we beden saglygyny üpjün etmekden, kanuny hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramakdan ybaratdyr.

«Döwlet adam üçindir!» diýen syýasatymyz diňe bir şygar däldir. Ol Türkmenistanyň içeri syýasatynyň, ýaşaýyş-durmuşynyň düýpli ugruny kesgitleýän, ýurdumyzyň daşary syýasatynyň we halkara işiniň esasydyr. Sebäbi adamlaryň durmuşynyň ýokary standartlaryny hem-de ýaşaýşynyň hilini üpjün etmek Türkmenistanyň alyp barýan syýasatynyň esasydyr. Şoňa görä-de, ýurdumyzyň býujetiniň esasy bölegi durmuş maksatnamalarynyň amala aşyrmaga, hususan-da, ýaşaýyş jaýlarynyň, saglygy goraýyş we bilim desgalarynyň gurluşygyna gönükdirilýär. Maşgalany, eneligi we çagalygy, ýaşlary hem-de ýaşuly nesli, mümkinçiligi çäkli adamlary, raýatlaryň beýleki toparlaryny goldamak üçin ulanylýar.

Lukmançylyk we ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlary bilen üpjünçilik barada aýratyn durup geçmek isleýärin. Milli çäklerden çykýan bu mesele düýpli meseledir, onuň örän möhüm ähmiýeti bardyr. Durmuş syýasatyny alyp barýan döwlet hökmünde Türkmenistan bu işde baý tejribe toplady. Biz bu tejribäni ähli ýurtlar bilen paýlaşmaga, halkara guramalar bilen giňden hyzmatdaşlygy ýola goýmaga taýýar.

Şu gün men bu forumyň münberinden «Geljegiň ählumumy lukmançylygy — raýdaşlyk we hyzmatdaşlyk» başlangyjyny öňe sürýärin. Bolup geçen dünýä pandemiýasy, Ýer ýüzüniň dürli künjeklerinde ýüze çykýan häzirki meseleler, keselçilikler we epidemiýalar raýdaşlyk we özara goldaw düşünjesiniň dünýä möçberinde adamyň saglygy, saglygyny goramaga hem-de bejergä bolan düýpli hukugy bilen birmeňzeşdigini görkezýär. Bu başlangyçda gürrüň Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda halkara lukmançylyk diplomatiýasynyň ulgamlaýyn usullaryny ýola goýmak barada barýar. Biziň pikirimizçe, Birleşen Milletler Guramasy, onuň ýöriteleşdirilen guramalary, maksatnamalary, gaznalary, institutlary bu işi goldamakda esasy utgaşdyryjynyň wezipesini öz üstüne almalydyr.

Şu forumda Türkmenistanyň şeýle başlangyjy öňe sürmegi ýöne ýere däldir, onuň maksady we esaslary bardyr. Deňze çykalganyň bolmazlygy häzirki döwürde lukmançylyk kömegini bermek, lukmançylyk enjamlaryny we derman serişdelerini ibermek, zerur bolan öňüni alyş çärelerini geçirmek, ähli saglygy goraýyş ulgamynyň işlemegini üpjün etmek üçin düýpli päsgelçilik bolup durýar.

Biziň ýurdumyz bu başlangyjy iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça öz garaýyşlaryny beýan etmäge hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň degişli düzümlerinde işe başlamaga taýýardyr.

**Hormatly maslahata gatnaşyjylar!**

Durnukly kommunikasiýalar ulgamyny döretmek deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin möhüm meseledir. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bu möhüm ugur boýunça dialog üçin häzirki zaman halkara binýadyny döretmek başlangyjyny öňe sürenleriň biri boldy. Bu ugurda 2016-njy ýylda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag boýunça birinji ählumumy maslahatynyň, şeýle hem ýurdumyzda 2022-nji ýylda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ulag ministrleriniň halkara maslahatynyň üstünlikli geçirilendigini belläp geçmek isleýärin.

Türkmenistanyň bu ugurda alyp barýan işleri netijesinde, soňky ýyllarda biziň döwletimiziň halkara ulag hyzmatdaşlygyny ösdürmek barada öňe süren başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň alty sany Kararnamasy kabul edildi.

Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmek bilen baglylykda, Türkmenistan ulag arabaglanyşygyny çaltlandyrmagyň we bu ugurda täze garaýyşlaryň zerurdygyndan ugur alýar. Şoňa görä-de, geçen ýyl Dubaýda geçirilen Bütindünýä hökümet sammitinde biziň ýurdumyz hyzmatdaşlyk etmegiň täze görnüşini — Durnukly ulag arabaglanyşygynyň ählumumy atlasyny döretmegi teklip etdi. Foruma ähli gatnaşyjylardan şol başlangyja üns bilen seretmegi haýyş edýärin. Bu başlangyjyň amala aşyrylmagynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň bütindünýä ulag-logistika akymlaryna goşulyşmagyna düýpli ýardam berjekdigine ynanýaryn.

«Ýaşyl» gün tertibi bilen baglylykda, ulag ugurlarynyň ekologiýa howpsuzlygy bu işde örän möhüm mesele bolup durýar. Bu wezipäni, ilki bilen, häzirki zaman tehnologiýalaryny çekmek arkaly çözüp boljakdygyny görýäris.

Türkmenistan beýleki ugurlarda, şol sanda energetika babatda hem ekologiýa meselesine uly ähmiýet berýär. «Ýaşyl» energetika düşünjesi häzirki döwürde ýurduň içinde hem, halkara energiýa giňişliginde hem biziň energetika pudagyndaky işimiziň hökmany, düýpli ölçegi bolup durýar. Bu ugurda biz Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde kabul edilen halkara namalara berk laýyklykda iş alyp barýarys. Energetika üçlügine gatnaşyjylaryň ählisiniň, ýagny energiýany öndürijileriň, üstaşyr geçirijileriň hem sarp edijileriň halkara ekologiýa ölçeglerini we daşky gurşawy goramak hem-de howanyň üýtgemegi babatdaky ýlalaşyklary gyşarnyksyz berjaý etmelidigini beýan edýäris. Biziň ýurdumyz bu meselede gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini peýdalanmak boýunça işi çaltlandyrmak ugrunda çykyş edýär.

Wodorod energetikasyny ösdürmäge gatnaşmaga-da taýýardygymyzy beýan edýäris. Bu meselede hyzmatdaşlyk etmegiň anyk bilelikdäki meýilnamalary we algoritmleri zerurdyr. Şunuň bilen baglylykda, 2030 — 2040-njy ýyllar aralygyndaky döwür üçin wodorod energetikasyna geçmegiň ählumumy maksatnamasyny döretmek başlangyjyny öňe sürýäris. Şoňa görä-de, geljek ýyldan başlap, Birleşen Milletler Guramasynda şu maksatnamany işläp taýýarlamak meselesini ara alyp maslahatlaşmaga girişmegi teklip edýäris.

Umuman, biz ähli ykdysady işi ekologiýa standartlary bilen utgaşdyrmagyň zerurdygyndan ugur alýarys. Biziň ekologiýa syýasatymyzyň esasy ugry ykdysady ulgamy önümçilik pudagynyň tebigatyň bäsdeşi däl-de, eýsem, sazlaşdyryjysy we daýanjy bolar ýaly ýola goýmakdan ybaratdyr. Şunuň bilen baglylykda, ýapyk aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete geçmegiň ählumumy çarçuwaly maksatnamasyny döretmek barada Türkmenistanyň öňe süren teklibine ünsüňizi çekmek isleýärin.

Howa meselesiniň uly ähmiýetiniň bardygyny nygtap, Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi barada Çarçuwaly konwensiýasynyň düzgünlerini durmuşa geçirmegiň netijelidigini bellemek zerur diýip hasap edýärin. Munuň özi Konwensiýanyň taraplarynyň soňky maslahatlarynda aýratyn aýdyň ýüze çykdy. Şol maslahatlarda täze ählumumy howa gün tertibiniň tehnologik, hukuk we ykdysady esaslarynyň işlenip düzülýändigini bellemek gerek. Bu işde deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň hem we saldamly orny bolmalydyr. Türkmenistan bu ugry goldaýar hem-de oňa döredijilikli we netijeli işi bilen doly goşulýar. Mysal üçin, deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň howa babatdaky meselesi Hazar deňzini gorap saklamak we Araly halas etmek ýaly meseleler bilen baglydyr.

Şu foruma gatnaşyjy birnäçe döwletler üçin Hazar deňzi dünýä ummanyna çykmagyň örän möhüm suw ýoly bolup durýar. Şoňa görä-de, biziň ählimiziň deňziň ekologik abadançylygyna gyzyklanma bildirýändigimize, munuň bolsa onuň ykdysady we ulag mümkinçiliklerine gönüden-göni täsir edýändigine ynanýaryn. Şeýlelikde, Hazar deňziniň meseleleri sebit, hatda kontinental çäklerden hem çykýar. Şoňa görä-de, biziň ýurdumyz Baş Assambleýanyň 78-nji sessiýasynda Hazaryň daşky gurşawyny goramak bilen bagly meseleleriň giň toplumy boýunça hünärmenleriň anyk dialogy hökmünde «Hazar ekologik başlangyjy» bilen çykyş etdi. Onuň wagty ýeten ençeme ekologiýa meselelerini çözmegi öňe sürdi. Häzirki döwürde şol örän möhüm meseleleriň biri-de deňziň suwunyň çekilmegidir.

Araly halas etmek meselesiniň hem ähmiýeti örän uludyr. Türkmenistan Aral deňziniň sebiti üçin Birleşen Milletler Guramasynyň ýörite maksatnamasyny işläp taýýarlamagy hem-de Aral meselesini bu guramanyň işiniň aýratyn ugruna öwürmegi teklip edýär. Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurdumyzyň başlangyjy bilen Baş Assambleýanyň kabul eden iki sany Kararnamasy, ýagny «Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk» atly Kararnamasy, şeýle hem BMG-niň Aziýa — Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we Durmuş komissiýasynyň «Birleşen Milletler Guramasynyň Aral deňziniň sebiti üçin Ýörite maksatnamasyny döretmegiň şertlerine seretmek» atly Kararnamasy netijeli halkara hyzmatdaşlyk üçin gowy esas bolup durýar. Bu örän möhüm resminamalaryň durmuşa geçirilmeginiň Aral meselesi boýunça ähli halkara işleriň kesgitleýji şertleriniň birine öwrüljekdigine ynanýaryn.

Şeýle hem, umuman, umumy dünýä işleriniň örän möhüm bölegi hökmünde suw meselesi boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda-da aýtmak isleýärin. Munuň özi köp babatda Ýer ýüzünde durnuklylygy, ösüşi hem-de abadançylygy üpjün etmegiň geljegini kesgitleýär. Bu meselede suw serişdeleriniň tygşytly ulanylmagy we adalatly paýlanmagy möhüm bolup durýar. Türkmenistan hemişe suwa deň we adalatly elýeterlilik halklaryň hem-de her bir adamyň tebigy we düýpli hukugydyr diýip, berk we üýtgewsiz çykyş edýär. Şoňa görä-de, biziň düýpli ynanjymyz boýunça tutuş suw meselesi toplumyna seretmek şu üç sany binýatlaýyn kada, ýagny:

— halkara hukugyň berjaý edilmegine;
— bähbitleriň özara hasaba alynmagyna;
— halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň gatnaşmagyna esaslanmalydyr.

**Hormatly maslahata gatnaşyjylar!**
**Gadyrly dostlar!**

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 2025-nji ýyly Türkmenistanyň teklibi boýunça «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etdi. Şeýle hem biziň ýurdumyz şu ýyl dünýä jemgyýetçiligi bilen bilelikde taryhy senäni — Türkmenistanyň Bitaraplygynyň halkara derejede ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyny belleýär. Bu wakalaryň ikisiniň hem Birleşen Milletler Guramasynyň 80 ýyllyk ýubileýi bilen gabat gelmegi simwoliki ähmiýete eýedir.

Parahatçylyk, ynanyşmak, Bitaraplyk düşünjeleri biziň üçin özara aýrylmaz bagly bolup, Türkmenistanyň alyp barýan syýasatynyň manysyny we düýp mazmunyny düzýär. Olar biziň halkara giňişlikdäki hereketlerimizi hem-de başlangyçlarymyzy kesgitleýär. Birleşen Milletler Guramasy bilen strategik hyzmatdaşlyk döwletimiziň ileri tutýan ugry bolan we bolmagynda galýan daşary syýasatymyzyň filosofiýasyny aňladýar. Bu doly derejede häzirki foruma hem degişlidir. Biz Birleşen Milletler Guramasy, dünýäniň onlarça ýurtlaryndan bolan dostlarymyz hem-de pikirdeşlerimiz, abraýly halkara guramalar bilen Türkmenistanda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň meseleleri, olary çözmegiň ýollary barada garaýyşlarymyzy beýan edýäris. Özi-de döredijilik we deňhukuklylyk, özara hormatlamak hem-de bähbitleri hasaba almak bilen, biziň halklarymyz, adamlarymyz, olaryň häzirki we geljekki durmuşy barada alada etmek bilen, garaýyşlarymyzy beýan edýäris. Men dogry ýoldan barýandygymyza we bilelikde üstünlik gazanjakdygymyza ynanýaryn.

Ähli wekiliýetlere, hormatly myhmanlarymyza işjeň we netijeli hyzmatdaşlyk, biziň ýurtlarymyzyň hem-de bütin adamzadyň ösüşi, ilerlemegi we abadançylygy baradaky öňde goýlan maksatlary ýerine ýetirmekde Türkmenistan bilen bilelikde işlemäge taýýardyklary üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirýärin.

# GARAŞSYZLYK — GÖWÜNLERIŇ GANATY

Ýazgül ANNAÝEWA,
NEBIT-GAZ



**Gadymy hem müdimi türkmen ilinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzyň toýlary toýa ulaşýar. Hemişelik Bitaraplyk derejämize 30 ýyl dolýan bu taryhy ýylda şanly Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýuny toýlaýarys. Garaşsyzlygyň hözirini görüp ýaşaýan ildeşlerimiz mukaddes baýramçylygy mynasyp sowgatlar bilen garşylamak ugrunda joşgunly zähmet çekýärler. Öz halkyna berkarar döwleti, bagtyýar zamanany bagyş eden Gahryman Arkadagymyzyň ýoluny üstünlikli dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzy asudalygyň we ösüşleriň mekany hökmünde dünýä tanatdy. Gysga döwrüň içinde amala aşyrylan beýik işler türkmen döwletiniň Garaşsyzlygyny alyp, hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmak bilen, saýlap alan ugruna ygrarlydygyny ýene bir gezek dünýä mälim etdi.**

Garaşsyzlyk! Bu mukaddes sözüň ýaňlanmagy bilen kalbyň ganatlanyp, ruhuň heýjana gelýär. Başyň belent daglar bilen bäs edip, göwnüň möwçli ummanlara meňzäp tolkunýar. Ýekeje sözüň badyndan döreýän bu ylahy ýagdaý, diňe maňa däl, eýsem, türkmen raýaty diýen bagtyýar adyň eýesi bolan her bir ynsana mahsusdyr. Çünki asyrlardan-asyrlara geçip, merdana ata-babalarymyzyň, nurana ene-mamalarymyzyň kalplarynda ýaşap gelen şol ajaýyp sözüň dillerde ýaňlanyp, giň dünýä ýaýramagy bilen milletimiziň iň arzyly islegi — Garaşsyz ýurtly bolmak arzuwy amala aşdy. Bu sözde erkinligiň, özbaşdaklygyň jana lezzet berýän dady bar. Şol bagta eýe bolan Garaşsyz Türkmenistan bu gün Ýer ýüzünde hemişelik Bitarap, giň älemde parahatçylygy dabaralandyrýan ýurt hökmünde tanalýar.



Garaşsyzlyk döwründe Watanymyz syýasatda, ykdysadyýetde, oba hojalygynda, senagatda, bilimde, hususy pudakda, ylymda, medeniýetde, saglygy goraýyşda we sportda ýokary sepgitlere eýe boldy. Ýurdumyz dünýäniň köp döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Döwletimiz ählumumy ykrar edilen ynsanperwer ýörelgelerden ugur alyp, sebit we dünýä döwletleri hem-de köp sanly abraýly halkara guramalar bilen hoşniýetli gatnaşyklary ýola goýmak bilen, parahatçylyk arkaly durnukly ösmegiň nusgalyk ýoluny alyp barýar hem-de dürli halkara konwensiýalara we ylalaşyklara gatnaşýar. Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga, Durnukly ösüş maksatlaryny netijeli durmuşa geçirmäge gönükdirilen ulag, energetika, suw diplomatiýasyndaky halkara başlangyçlary dünýä jemgyýetçiliginde giň goldawa eýe bolýar. Türkmenistanyň halkara abraýynyň barha artmagy, dünýä döwletleri bilen syýasy, ykdysady, medeni we beýleki ugurlar boýunça özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy ýurdumyzda alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasatynyň oňyn netijeleridir. Şonuň ýaly-da, Köpetdagyň eteginde sebitde ýeke-täk «akylly» şäher bolan döwrebap hem-de nusgalyk Arkadag şäheri, obalar, şäherçeler peýda boldy, häzirki zaman ýaşaýyş-durmuş, önümçilik maksatly desgalar guruldy. Günbe-günden gözelleşip, dünýä jahankeşdeleriniň uly isleg bilen gelýän şäherine öwrülen paýtagtymyz bu gün bagtyýar halkymyzyň gözguwanjy. Aşgabat — myhmansöýerligiň, parahatçylygyň, döredijiligiň, ygtybarly hyzmatdaşlygyň, ynsanperwerligiň mekany. Paýtagtymyzda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýymyza esaslanýan döwlet syýasatyna berlen ýokary bahadyr. Golaýda Hazaryň türkmen kenarynda — «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň geçirilmegi bolsa ýurdumyzyň syýasy durmuşynda iňňän möhüm waka bolup, taryha ýazyldy.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Hut şeýle nukdaýnazardan garanyňda hem Garaşsyzlyk halkymyz üçin mukaddeslik derejesine eýe bolan milli gymmatlyklarynyň biridir. Bu gymmatlyk halkymyzyň ýaşaýşa, zähmete bolan ylham çeşmesidir. Halkymyzyň geçmişini, şu gününi we geljegini berk baglaýan üzülmez köken bolup, ata-babalarymyzyň ençeme asyrlap özbaşdak döwlet gurmak hakynda eden arzuw-isleginiň wysalydyr. Bu taryhy ýylda Garaşsyzlygymyzyň şanly 34 ýyllygynyň, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejämiziň 30 ýyllyk toýlarynyň toýlanylýandygy bizi hasda buýsandyrýar.

# BEÝIK BAŞLANGYÇLAR ROWAÇLANÝAR

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri — Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň ösüşlere beslenen ajaýyp eýýamy. Geçmişi şan-şöhratly, şu güni beýik işlere ulaşan halkymyz bu gün Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bitiren ägirt uly işlerine buýsanýar.**



Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň daşary we içeri syýasatynda gazanylýan üstünlikler, ýetilýän belent sepgitler ummasyzdyr. Halkymyzy bagtyýar we eşretli durmuşda ýaşadýan, «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwerlige ýugrulan syýasaty üstünlikli durmuşa geçirýän döwlet Baştutanymyzyň il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli beýik başlangyçlarynyň rowaçlyklara beslenmeginiň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz ykdysady, syýasy, medeni, ylym-bilim ulgamlarynda uly ösüşlere eýe bolýar. Garaşsyzlygymyzyň her bir şanly senesini agzybir halkymyz uly zähmet üstünlikleri bilen garşy alýar. Bu günki gün eziz Diýarymyzda mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmak maksady bilen gurlup ulanylmaga berilýän ýaşaýyş jaýlarynyň, senagat ugurly desgalaryň, medeni-durmuş maksatly binalaryň sany yzygiderli artýar. Taryhy döwrüň içinde Türkmenistan döwletimiz dünýäniň ýokary depginler bilen ösýän ýurtlarynyň hataryna ymamly goşuldy.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Garaşsyzlyk döretmäge kuwwat, zähmet çekmäge, gurmaga güýç, parahatçylygy we dostlugy pugtalandyrmaga egsilmez ylham berýär. Şoňa görä-de, mähriban halkymyz Garaşsyzlyk gününe bagtyýarlygyň we berkararlygyň beýik baýramy hökmünde aýratyn sarpa goýýar. Garaşsyzlyk Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy has-da gülledip ösdürmek we öňde goýlan belent wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek ugrunda yhlas bilen zähmet çekýän halkymyzyň kalbynda buýsanç duýgusyny döredýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Diýarymyzda medeniýetimiz, sungatymyz gülläp ösýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda milli medeniýetimiz dünýä ýaýylýar, halklaryň arasynda dost-doganlyk ösdürilýär. Gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan medeniýetimize, sungatymyza, taryhy ýadygärliklerimize, medeni mirasymyza halkymyz uly baýlyk hökmünde guwanýar, buýsanýar. Her bir güni taryhyň gatlaryna altyn harplar bilen ýazylýan ýurdumyzda medeniýet we sungat ussatlary joşgunly sözlerde, belent heňlerde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan beýik işleriniň, ýurdumyzyň ýetýän belent sepgitleriniň, gazanýan üstünlikleriniň tarypyny ýetirýärler. Milli gymmatlyklarymyzy gorap saklamak bilen milliligimiz ösdürilýär, mukaddes Garaşsyzlygymyza buýsanjymyz artýar.

2025-nji Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda şanly Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygyna uly ruhubelentlik bilen barýarys. Garaşsyzlyga guwanyp, öňe barýan türkmen halkymyz bu mukaddes baýramy şanly zähmet üstünliklerine besleýär.

**Allanur TÖRÄÝEW,
«Türkmengaz» DK-nyň «Türkmengazüpjünçilik» birleşiginiň mehanika bölüminiň esasy inženeri,
Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi.**

# «SANLY GURŞAW» ÖSÜŞ ÝOLUNDA

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, önümçilik we dolandyryş ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Bu ugurda ýurdumyzyň energetika toplumynyň öňdebaryjy düzümleriniň biri bolan «Türkmennebit» döwlet konserni hem sanly ösüşiň täze tapgyryna gadam basýar.



Konserniň «Sanly gurşaw» atly döwrebap taslamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen geljekde bu ugurda ýurdumyzyň nebitgaz toplumynda öňdebaryjy kiber tehniki ulgamlary ornaşdyrylar. Taslamanyň çäklerinde konserniň merkezi edarasynyň we onuň garamagyndaky edara-kärhanalary öz içine alýan korporatiw içki tor infrastrukturasyny bir bitewi ulgama birleşdirmek we awtomatlaşdyrylan elektron maglumat binýadyny döretmek arkaly, kärhananyň çeşmelerini meýilleşdirmek çözgüdinden peýdalanmagy bilen ähli maglumatlary dolandyrmak, şeýle-de alnyp barylýan kibergözegçilik merkezleriniň işlerini utgaşdyrmak boýunça talaplary amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasyna we konserniň esasy iş ugurlaryna laýyklykda, «Türkmennebit» döwlet konserniniň önümçilik hem-de dolandyryş düzümlerinde sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça taslamalaryň strategik dolandyrylmagy möhüm hasaplanylýar. Bu taslama konserniň ähli edaralarynyň toplumlaýyn gurluşyna esaslanmak bilen, nebitgaz senagatynda maglumat alyş-çalşygynyň, önümçiligiň netijeliligini, halkara hyzmatdaşlygynyň hem-de ilata edilýän hyzmatlaryň ýeňilleşdirilmegini, tehnologiýa integrasiýasynyň kämilleşdirilmegini maksat edinýär.

Netijede, «Türkmennebit» döwlet konserniniň we onuň garamagyndaky ähli edara-kärhanalaryň sanly ulgama geçmeklige gönükdirilen «Sanly gurşaw» atly taslamasy, konserniň önümçilik we dolandyryş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak arkaly nebitgaz pudagynyň maglumat alyş-çalşygynyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak, önümçiligiň netijeliligini artdyrmak, halkara hyzmatdaşlygyny kämilleşdirmek, çykdajylary azaltmak, ekologiýa standartlaryny berjaý etmek bilen birlikde, pudagyň umumy ösüşine we bäsdeşlik ukybynyň ýokarlandyrylmagyna amatly täsirini ýetirer.

«Sanly gurşaw» taslamasy konserniň ähli edara-kärhanalarynyň toplumlaýyn sanly ulgamyny üpjün eder. Döwrebap sanly çözgütleriň ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň nebitgaz pudagynyň ösüşine uly badalga berer. Bu bolsa Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň has-da artmagyna, halkara derejesindäki bäsdeşlik ukybynyň ýokarlanmagyna giň ýol açar.

**Yklym MYRADOW,
«Türkmennebit» döwlet konserniniň Sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak we maglumat howpsuzlygy müdirliginiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji.**

# GADAMLARY BATLY NEBITÇILER

Muhammetgylyç TAGANGYLYJOW,
NEBIT-GAZ



muhammetbalkan1969@gmail.com

**Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 11-nji iýulynda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde nebiti we gazy çykarmak işlerini yzygiderli kämilleşdirmegi we nebitgaz toplumynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyryp, bäsdeşlige ukyply we ekologik taýdan arassa önümleri öndürmegi dowam etmegi aýratyn tabşyrdy. Şondan ugur alnyp, ýurdumyzyň ýangyç-energetika ulgamynyň iň iri önümçilik-hojalyk toplumy bolan «Türkmennebit» döwlet konserniniň «Nebitgazçykaryş» trestiniň «Gamyşlyjanebit» nebit-gaz çykaryş müdirliginiň «gara altyn» ussatlary pudagyň netijeliligini artdyrmakda nusgalyk işleri alyp barýarlar.**



Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynyň çägindäki baýlyklar känlerinde iş alyp barýan «Gamyşlyjanebit» nebit-gaz çykaryş müdirliginiň nebitçileri hazynalar mesgeninden Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň geçen ýedi aýynda 397 müň 443 tonnadan gowrak nebit çig malyny çykaryp, bellenilen meýilnamany 115 göterim ýerine ýetirmegi başardylar.

Türkmen topragynyň üsti-de, asty-da ummasyz köp möçberdäki genji-känleri öz goýnunda jemleýän mekandyr. Hakyň nazary düşen bu nurana Diýarda häzirki zaman dünýäsiniň ykdysady binýadyna öwrülen nebitdir gazyň ägirt uly gorlarynyň bardygy buýsançly hakykatdyr.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Günorta Gamyşlyja, Nebitlije, Şatut, Gamyşlyja, Körpeje we Altyguýy ýaly hazynalar mesgenlerinden alynýan ýangyç çig malynyň möçberini ýokarlandyrmakda yzygiderli işler amala aşyrylýar. Sebitdäki guýularda kämil enjamlardyr tilsimatlar önümçilige ornaşdyrylýar. Olaryň ählisi-de şu künjekden alynýan «gara altynyň» möçberlerini yzygiderli artdyrmaga oňyn täsirini ýetirýär. Işlerimiziň has-da ilerlemeginde baş inžener Taganmämmet Gurbanowyň, baş geolog Döwran Esenowyň, merkezi inžener tehnologik gullugynyň başlygy Durdygylyç Gurbanowyň, Günorta Gamyşlyja nebit-gaz çykaryş sehiniň başlygy Kuwwatmämmet Annaýewiň, şeýle hem şol sehiň ussasy Annatuwak Amanowyň taýsyz goşantlary bar. Işlerimiziň häzirki depgini hünärmenlerimiziň mukaddes ýurt Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly senelerini mynasyp zähmet sowgatly garşylajakdyklaryna güwä geçýär» diýip, «Gamyşlyjanebit» nebit-gaz çykaryş müdirliginiň başlygy Hajydurdy Gaýypow gürrüň berdi.



NEBIT-GAZ
«NEBITGAZ — BAÝLYGYM, HAZYNA-GENJIM, WASPYŇ ETSIN DILLER, SAŇA BUÝSANJYM!»
ATLY BÄSLEŞIGE

Surata düşüren Andreý PAKULOW.

# ŞADYÝAN-BAGTYÝAR, BAGTLY ÇAGALAR

Şeýle at bilen «Türkmengaz» döwlet konserniniň Gökdere jülgesindäki «Nesil», «Şöhle» çagalar dynç alyş merkezlerinde Türkmenistanyň Nebitgaz senagaty toplumynyň işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň Geňeşi, «Türkmengaz» DK-nyň «Işçi iýmiti üpjünçiligi we hyzmatlar» müdirligi, Türkmenistanyň Ekologiýa hereketi jemgyýetçilik guramasy tarapyndan medeni, sport, döredijilik çäreleri geçirildi.



Merkezlerde ilki sport bäsleşiklerine giň orun berildi. Çagalar kiçi futbol, päsgelçilikden böküp geçmek, küşt, şaşka boýunça özara bäsleşdiler. Ýaş aýratynlygyna görä, toparlara bölünen çagalar şol bir wagtda reňkli kagyzlardan gülleriň, baglaryň şekillerini ýasamak, tebigat gözelliginiň suratyny çekmek boýunça öz ukybyny görkezdiler. Bu ýerdäki kitaphanalarda çeper okaýyş boýunça geçirilen bäsleşiklerde hem çagalar höwes bilen çykyş etdiler.

Sport we döredijilik bäsleşikleriniň dowamy aýdym-saz çykyşlaryna ýazdy. Zehin başarnygy bilen tapawutlanýan oglanlar we gyzlar bagtyýar çagalygy, ýurdumyzyň ajaýyp tebigatyny, şol sanda gözel Gökdere jülgesini şirin nagmalarda wasp etdiler. Çäreler toplumynyň barşynda bu ýerde dynç alýan gyzlaryň el işleri hem görkezildi.

Bäsleşikler we medeni çäreler tamamlanandan soň, ýeňijilere, zehini, başarnygy bilen saýlanan çagalaryň ählisine guramaçylar tarapyndan sowgatlar gowşuryldy.

NEBIT-GAZ



# «ÝAŞYL» ENERGIÝA TASLAMASY DÖWRÜŇ MÖHÜM MESELELERINI ÇÖZMÄGE UKYPLYDYR

**Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini özleşdirmek we peýdalanmak şu günüň esasy meseleleriniň birine öwrüldi. Ýurdumyzda hem alternatiw energiýa çeşmelerini peýdalanmaklyga uly üns berlip başlandy.**

Bu ugurda ilkinji taslamalaryň biri umumy kuwwaty 10 MWt bolan Gün we ýel energiýasy bilen işleýän elektrik bekedi Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynyň çäginde gurlar. «Ýaşyl» energiýa desgasy «Altyn asyr» Türkmen kölüniň töwereginde peýda boljak obalarda sarp edijilere ygtybarly we üznüksiz elektrik üpjünçiligini amala aşyrmak üçin 2019-njy ýylyň aprelinde tassyklanan «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitini 2019 — 2025-nji ýyllarda özleşdirmegiň Konsepsiýasyny durmuşa geçirmek boýunça hereketleriň meýilnamasyna laýyklykda gurlar. Ýurdumyzyň taryhynda özboluşly taslamanyň durmuşa geçirilmegi pudagyň kuwwatyny ýokarlandyrar, milli ýöriteleşdirilen işgärleri taýýarlar we täze iş ýerlerini döreder.

Birnäçe ýyl bäri gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri pudagyny pugtalandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkezi Türkmenistanyň ykdysady we jemgyýetçilik ugurlarynda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalaryň häzirki zaman görnüşlerini, enjamlaryny, materiallaryny ulanmak mümkinçiligini öwrenip, innowasiýa tehnologiýalaryny ösdürmek we ornaşdyrmak boýunça ylmy işleri alyp barýar.



Gün energiýasy gaýtadan dikeldilýän energiýanyň iň çalt ösýän görnüşidir. Hakykatdan hem, Türkmenistanyň howa we geografik şertleri biziň ýurdumyzda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň giňden ulanylmagyna mümkinçilik berýär. Mysal üçin, Gün energiýasyny almak we fotoelektrik öwrüjileri we ýylylyk energiýasyny senagatda işjeň ulanmak — Gün kollektorlaryny ulanmak. Bu, esasanam, oba ilatynyň we merkezi elektrik üpjünçilik ulgamyndan uzakdaky sebitleriň energiýa üpjünçiligini gowulandyrmaga kömek etmelidir. Windel energiýasyny, geotermik suwlary, bioýangyjy ulanmak gowy mümkinçiliklerdir.

Iň möhüm ugurlaryň biri, Türkmenistanda fotoelektrik we ýel elektrik stansiýalaryny ulanmak üçin ylmy esaslary ösdürmekdir. Daşky gurşawy goramak we ekologiýa taýdan arassa «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak maksady bilen ýurtda fotoelektrik Gün elektrik stansiýasy we onuň elementleri üçin taslama işlenip düzüldi. Ýörite hünärmenler «Fotoelektrik Gün stansiýalaryny taslamagyň sanly ulgamy» programma üpjünçiligini taýýarladylar. Onuň durmuşa geçirilmegi bilen Türkmenistanyň islendik sebitinde elektrik stansiýalarynyň dizaýny bilen baglanyşykly dizaýn işlerini aňsat we ygtybarly ýerine ýetirmek mümkin boldy.

Programma üpjünçiligi fotoelektrik gurnamalary taslamak işinde hasaplamalary takyk we çalt ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär, ygtybarly we täsirli işlemegi birnäçe faktorlara, ýagny stansiýanyň ýerleşýän ýeriniň geografik koordinatlaryna, gorizontal tekizlige amatly burçda Gün panelleriniň ýapgyt burçuna, Günüň şöhlesiniň intensiwliginiň bahalaryna baglydyr. Şundan ugur alyp, fotoelektrik stansiýasynyň ýylyň dowamynda öndürip biljek elektrik mukdaryny hasaplamak, nirede gurup boljakdygyny kesgitlemek, şeýle hem howa şertleriniň elektrik stansiýasynyň parametrlerine edýän täsirini öwrenmek bolýar. Programma üpjünçiligi dürli belentliklerde saýlanan sebitdäki ýel potensialyny awtomatik hasaplaýar we «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitiniň Gün we ýel energiýasyny ulanmak üçin uly mümkinçilikleriniň bardygyny ynam bilen aýdyp bileris.

«ÝAŞYL ENERGIÝA — ÝAGTY GELJEK»
ATLY BÄSLEŞIGE

**Jeren ATAMYRADOWA,**
**Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň amallara gözegçilik we maliýe monitoringi bölüminiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji, Aşgabat şäheriniň Halk maslahatynyň agzasy.**

Fotokollažy taýýarlan Aýna KAKAGELDIÝEWA.

**2025-nji ÝYL — HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY**

## HALKARA HOWA MENZILI

*Alyslary ýakyn eder,*
*Halkara howa menzili.*
*Ile ähmiýetin ýetir,*
*Halkara howa menzili.*

*Bu bagtyýar ýurdumyza,*
*Ösüş goşar badymyza,*
*Hyzmat eder halkymyza,*
*Halkara howa menzili.*



*Bu gün gül açýan Balkana,*
*Bezegdir Watan görküne,*
*Ile döwrebap şert, ine,*
*Halkara howa menzili.*

*Gahryman Serdar paýhasy,*
*Halkymyzyň bagt aýdymy,*
*Ýakyn ýollaň has aýdyňy,*
*Halkara howa menzili.*

**Şageldi SALYHOW,**
**Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijisi, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi.**

# HOŞNIÝETLI WE ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYKLAR



Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Biziň döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan esasy ýörelgeler, anyk aýdylanynda bolsa, Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek, hoşniýetli, dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmek, durnukly ösüşi üpjün etmek geljekde hem Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolar» diýip belläp geçýär. Bu beýik hakykatyň aýdyň beýany ýene-de bir mertebe 4 — 8-nji awgust aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çuňňur many-mazmunynda dünýä jemgyýetçiligine aýan boldy.

Bäş günläp dowam eden forumyň her bir güni aýratyn many-mazmuna beslendi. Mälim bolşy ýaly, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde we sebitde hoşniýetli, özara bähbitli gatnaşyklara sarpa goýýan, ýurduň geosyýasy we geoykdysady taýdan amatly şertlerini umumadamzat geljeginiň bähbitlerine gönükdirýän döwlet hökmünde giň abraýa eýedir. Bu aýdylanlara aýdyň şaýatlyk edýän ýagdaýlar hökmünde Türkmenistanyň häzirki wagtda ösüşiň ýokary basgançaklaryna ýeten üstaşyr-ulag infrastrukturasyny, logistiki mümkinçiliklerini ulanmak bilen, üstaşyr ýük we ýolagçy gatnawlaryny ýaýbaňlandyrýandygyny aýtmak mümkin.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty bu ýurtlaryň ykdysady ösüşlerine köptaraplaýyn goldaw we ýardam bermegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşylan, wajyp çözgütlere gelnen möhüm çäre boldy diýip aýtmak bolar.

**Kerimberdi ATAÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.**

## ÝAŞLAR FORUMYNYŇ ÄHMIÝETI

4 — 8-nji awgust aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty geçirildi. Maslahatyň çäklerinde guralan Ýaşlar forumynda özara geňeşmeler esasynda taýýarlanylan Ýaşlar jarnamasy ara alnyp maslahatlaşyldy we kabul edildi. Forumyň işine gatnaşan BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary, az derejede ösen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler hem-de kiçi ada döwletler boýunça



Ýokary wekili, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Baş sekretary Rabab Fatimanyň ýaşlaryň özgertmeleriň we innowasiýalaryň hereketlendiriji güýjüdigini, olaryň pikirleriniň, parahatçylyga ymtylmalarynyň öz ýurtlarynyň ýüzbe-ýüz bolýan meselelerini ýeňip geçmekde möhüm orun eýeleýändigini bellemegi, türkmen tarapyna dabaraly ýagdaýda Ýaşlar jarnamasyny gowşurmagy aýratyn ähmiýetli pursatlar boldy.

Forumyň çäginde guralan «Ýaşlar üns merkezinde: Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň geljegi üçin köprüleri gurmak» atly mejlisde häzirki zaman dünýäsinde ýaşlaryň eýeleýän ornuna ünsüň çekilendigini aýratyn belläp geçmek bolar. Mejlisde bellenilip geçilişi ýaly, ýaşlaryň döwrebap bilim almaga hukuklaryny üpjün etmek, olaryň mümkinçiliklerini giňeltmek inklýuziw ösüş üçin möhüm ädim bolup durýar.

Mejlise gatnaşanlaryň bir pikire gelişleri ýaly, ýaşlaryň çözgütleri kabul etmek işine gatnaşmagy, bilime elýeterliligiň üpjün edilmegi, telekeçiligiň goldanylmagy durnukly geljek üçin zerur şertleri döreder.

**Eýýup ANNAMUHAMMEDOW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.**

## «AWAZA» GIŇ MÖÇBERLI ÇÄRELERIŇ MERKEZINE ÖWRÜLDI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan iri ykdysady, medeni, syýasy, halkara diplomatiýa, ynsanperwer çäreleri geçirmekde sebitde ilkinji orunlary eýeleýär. Şeýle giň gerimli çäreleriň hatarynda geçen hepdede «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň geçirilmegi uly ähmiýete eýe bolup durýar.

Ilkinji nobatda, geçirilen köp sanly maslahatlaryň dowamynda geografik ýerleşişi boýunça halkara bazarlaryna çykmagy çäkli bolan we ulag-logistika çykdajylarynyň ýokarylygy ýaly kynçylyklary başdan geçirýän ýurtlaryň durnukly ösüşini saklamak meselesine garaldy. Şeýle sanawa girýän ýurtlara ykdysady ýeňillikleri döretmek maksady bilen, olaryň arasynda halkara hyzmatdaşlyklar ýola goýuldy. Munuň ýaly köptaraplaýyn hyzmatdaşlyklar tejribe alyşmaga, netijeli býujet syýasatyny alyp barmaga, ykdysady bähbitleri artdyrmaga ýardam edýär. Forumyň dowamynda sanly ykdysadyýetiň we sanly söwdanyň her bir ýurduň durmuşyndaky orny barada aýratyn durlup geçildi. Deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň söwda ulgamyndaky ornuny pugtalandyrmagyň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Söwda ylalaşyklaryny has netijeli ulanmak, her bir tarapyň bähbidini göz öňünde tutmak ugrunda önde duran wezipeler kesgitlenildi.



Türkmenistan köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy, özara sebit gatnaşyklaryny işjeňleşdirmegiň tarapdary bolup durýar. Watanymyzyň «Dialog — parahatçylygyň kepili» we «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgeleri daşary syýasatynda uly üstünliklere beslendi. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler, olar bilen goňşy döwletleriň arasynda gatnaşyklary pugtalandyrmak ugrunda halkara diplomatiýasyny ösdürmek boýunça strategiýalar ara alnyp maslahatlaşyldy. Özara ylalaşyklaryň kabul edilmegi her bir ýurt üçin durnukly ösüşi üpjün edip, halkara gatnaşyklaryny pugtalandyrar.

**Ýakup KYÝASOW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky HNGU-nyň mugallymy.**

## TÄLEÝNAMA

**2025-nji ýylyň 11-nji — 17-nji awgusty**

### HAMAL (guzy 21.03-20.04)

Hamal ýyldyzynyň astynda doglanlar üçin awgust aýynyň ortasy ruhy taýdan kämilleşmek we dynç almak üçin oňaýly döwürdir. Bu döwürde siz hakyky dostlaryňyzy tanamaga mümkinçilik alarsyňyz. Şeýle-de garaşylmadyk ýagdaýda maddy girdeji alyp bilersiňiz.

### SOWUR (öküzçe 21.04-20.05)

Ýakyn günlerde sowurlar özleriniň girdejilerine we çykdajylaryna gözegçiligi berkitmeli bolarlar. Şeýle hem ýakyn adamlaryňyz sizden ýardam isläp biler. Olara eliňizden gelen kömegi berseňiz, ýagşylygyň ençeme esse bolup yzyna gelýändigine göz ýetirersiňiz.

### JÖWZA (ekizekler 21.05-21.06)

Şu hepdede jöwza ýyldyzynyň astynda doglan adamlaryň durmuşynda oňyn özgerişler bolar. Bu döwürde bähbitleriňizi ileri tutmakdan ýaýdanmaň. Zerur bolan halatynda endikleriňizi üýtgetmekden ýa-da işiňizi täzelemekden çekinmäň.

### SERETAN (leňňeç 22.06-22.07)

Ýyldyzlar seretanlara aýyň ortasynda dynç almaga, saglygyny berkitmäge ähmiýet bermegi maslahat berýärler. Bu döwürde siz gyssagly bolmadyk işleriňizi bir gapdalda goýup, sport bilen meşgullanmaga, tebigatdan lezzet almaga wagt tapyň.

### ESET (ýolbars 23.07-23.08)

Aýyň ikinji ongünlüginde esetleriň durmuşy gyzykly wakalara, ýakymly täsirlere baý bolar. Bu döwürde siz täze zatlary öwrenip, döredijilikli işläp, durmuşyňyzy hasda gowulandyrjak endikleri ele alyp bilersiňiz. Şeýle hem size ruhy güýç berjek adamlar bilen duşuşyklar garaşýar.

### SÜNBÜLE (gyz 24.08-23.09)

Sünbüle ýyldyzynyň astynda doglan adamlar aýyň ortasynda duýgularyna däl-de, aň-paýhasa gulak assalar gowy bolar. Şeýle edilende, islendik kynçylyklaryň oňyn çözgüdini tapmak başardar. Maşklary ýerine ýetirmek we gezelenç etmek size goşmaça güýç berer.

### MIZAN (terezi 24.09-23.10)

Ýakyn günlerde ýyldyzlar mizanlara täze tanyşlyklary wada berýärler. Bu döwürde hoşniýetli gatnaşyklary ýola goýjak adamlaryňyz size geljekde uly peýda getirip biler. Şeýle hem size uzak wagtdan bäri yhlas siňdiren ugruňyzda üstünlik gazanmaga ýol açylar.

### AKRAP (içýan 24.10-22.11)

Şu hepdede akraplaryň durmuşynda hysyrdyly döwür tamamlanyp, has şatlykly we rahat günler başlanar. Bu döwürde siz uzak wagtdan bäri tamamlap bilmeýän işleriňizi üstünlikli jemlärsiňiz. Şeýle hem girdejileriňizi artdyrmaga mümkinçilik dörär.

### KOWUS (keman 23.11-21.12)

Ýyldyzlar kowuslara ýakyn günlerde çylşyrymly işler bilen meşgullanmazlygy, täze taslamalary wagtlaýynça goýbolsun etmegi maslahat berýärler. Muňa derek siz maşgala agzalaryňyz bilen köpräk wagt geçirip, beden we ruhy taýdan rahatlanmaga synanyşyň.

### JEDI (owlak 22.12-20.01)

Jediler üçin awgustyň ortasy täze başlangyçlar üçin oňaýly döwür hasaplanýar. Bu döwürde hususy işini açmak isleýän jedilere şowluluk ýaran bolar. Şeýle hem siz ýakyn günlerde ozal baryp görmedik ýerleriňize gezelenç edip, ylham we güýç-kuwwat alyp bilersiňiz.

### DALUW (gowa 21.01-20.02)

Soňky wagtlarda işiňe has köp zähmet siňdirýän daluwlaryň ýakyn günlerde şahsy durmuşyna ähmiýet bermegi ýerlikli bolar. Bu döwürde saglygyňyzy berkitmek we ruhy lezzet almak üçin ýakyn adamlaryňyz bilen syýahata gitmek, tebigatda dynç almak maslahat berilýär.

### HUT (balyk 21.02-20.03)

Awgust aýynyň ikinji ongünlüginde hut ýyldyzynyň astynda doglan adamlara önbaşçylyk ukyplaryny görkezmäge mümkinçilik dörär. Bu döwürde siz başlan işiňizde üstünlik gazanyp, girdejileriňizi artdyrmaga we täze tanyşlyklara ýol açmaga oňaýly mümkinçilikleri alarsyňyz.

# ÝURDUMYZYŇ ULAG-ÜSTAŞYR MÜMKINÇILIKLERI ILERLEÝÄR

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Türkmenistan döwletimiziň ulag-üstaşyr mümkinçilikleri özüniň gerimini barha giňeldýär. Oňa biz ýakynda BMG-niň Awazadaky wekilçilik forumynda hem aýdyň göz ýetirdik.

Ulag ulgamy Merkezi Aziýanyň ýurtlarynyň hyzmatdaşlygyndа möhüm orun eýeleýär. Sebitiň ulag-logistika ulgamynda ägirt uly mümkinçilikler bar. Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hazar sebitiniň üstünden



geçýän «Orta geçelgä» geljegi uly taslamalaryň biri hökmünde garaýar. Oňa diňe Hytaý däl, eýsem, Ýewropa döwletleri hem uly gyzyklanma bildirýärler. Gahryman Arkadagymyz Hazar deňzinde Türkmenbaşy, Aktau we Kuryk portlarynyň arasyndaky hemmetaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek, türkmen-özbek serhedinde «Farap — Alat» ulag-logistika merkezini döretmek meselelerine garamagy hem teklip etdi.

Türkmenistan Merkezi Aziýa, Merkezi Aziýa hem Ýewraziýa üçin iňňän wajyp hyzmatdaş bolmagynda galýar. Merkezi Aziýa dünýäde depginli ösýän, yklymda täsirini we ähmiýetini barha artdyrýan geostrategik sebitleriň biri hasaplanýar. Bütin dünýäde uly gyzyklanma we seslenme döreden, Türkmenistanyň üsti bilen Eýrana, ondan hem Pars aýlagyna çykalga boljak Demirgazyk — Günorta ulag geçelgesini gurmak, Türkmenistan — Özbegistan — Gazagystan — Hytaý gaz geçirijisiniň işe girizilmegi, TOPH gaz geçirijisiniň taslamasynyň üstünde işlenilmegi, şeýle hem Aziýa halklarynyň gatnaşyklaryny has-da pugtalandyrjak Kerki — Ymamnazar — Akina polat ýolunyň birinji tapgyrynyň ulanylmaga berilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

**Aýgül NAZARLYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.**

12-nji AWGUST — HAZAR DEŇZINIŇ GÜNI

# DOSTLUK WE HYZMATDAŞLYK DEŇZI

**2006-njy ýylyň 12-nji awgustynda Hazar deňziniň gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly Tähran Konwensiýasynyň güýje girmegi bilen, Hazarýaka döwletleriň başisinde — Türkmenistanda, Russiýada, Gazagystanda, Eýranda we Azerbaýjanda Hazar deňziniň güni bellenilýär. Bu güne bagyşlanyp, tutuş Hazar sebitinde, şol sanda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dabaraly çäreler geçirilýär.**



Ýakynda Hazaryň gözel kenarynda — «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda üstünlikli tamamlanan wekilçilikli forum — Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty Hazar deňziniň, hakykatdan-da, dünýä halklaryny has-da jebisleşdirýän, öňde durýan möhüm wezipeleri bilelikde çözmekde olaryň tagallalaryny birleşdirýän meýdança öwrülendigine aýdyň şaýatlyk etdi.

Hazar giňişligi ykdysady, energetika we ulag-logistika kuwwaty babatda giň mümkinçiliklere eýe bolan sebitdir. Deňziň kenary döwletleriň we halklaryň özara gatnaşyklarynyň, olaryň däpleriniň, medeniýetleriniň, ruhy gymmatlyklarynyň goralyp saklanyp galan hem-de häzirki wagtda ösdürilip baýlaşdyrylýan ýeridir.

**Rozygül HUDDYÝEWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.**

*«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde guralan Ýaşlar forumynyň ähmiýeti uludyr.*

Forumyň esasy wakalarynyň biri hökmünde onuň barşynda «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň geljegi üçin köprüleri gurmak» atly Ýaşlar jarnamasynyň tanyşdyrylmagyny we makullanylmagyny aýratyn bellemelidir. Bu möhüm halkara resminamasy BMG-niň az ösen döwletler, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler hem-de ösüp barýan kiçi ada döwletler boýunça Ýokary wekiliniň müdiriýetiniň hem-de deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň Ýaşlar maslahat beriş toparynyň agzalarynyň ýardam bermeginde, Ýaşlar guramalarynyň halkara komiteti hem-de Çagalaryň we ýaşlaryň işleri boýunça toparyň awtordaşlygynda, deňze çykalgasy bolmadyk 32 ýurduň ählisiniň ýaşlary bilen hemmetaraplaýyn geňeşmeler esasynda taýýarlanyldy.

# ÝAŞLAR — DÜNÝÄNIŇ GELJEGI



Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerde çözgütleri kabul etmek işine ýaşlaryň gatnaşmagyny üpjün etmekde Jarnamanyň ähmiýeti uludyr.

**Amanmyrat ATAÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.**

# ÖZARA TEJRIBE ALYŞDYLAR

Türkmenistanyň dürli ugurlar boýunça ýöriteleşen ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary dünýäniň ösen ýurtlarynda geçirilýän halkara okuwlara, forumlara hem-de maslahatlara yzygiderli gatnaşýarlar. Şeýle mümkinçiliklerden peýdalanyp, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň binagärlik-gurluşyk fakultetiniň mugallymy Şirmuhammet Jepbarow hem şu ýylyň 17-nji iýulyndan 30-njy iýuly aralygynda Hytaýyň Týanszin şäherinde geçirilen «Merkezi Aziýanyň bäş ýurdunyň senagat sebitleriniň gurluşygy we dolandyrylyşy» boýunça halkara seminara gatnaşdy.

Hytaý Halk Respublikasynyň hökümetiniň goldamagynda we «China Aid for Shared Future» hyzmatdaşlygynyň çäklerinde guralan bu seminarda Merkezi Aziýanyň bäş ýurdunyň — Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň hem-de Özbegistanyň ýaş hünärmenleri, gurluşyk we dolandyryş ulgamynyň wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary özara tejribe alyşdylar. Okuw saparlarynyň, tematik maslahatlaryň hem-de tanyşdyrylyş saparlarynyň çäklerinde gatnaşyjylar häzirki zaman senagat sebitleriniň gurluşygynda ulanylýan öňdebaryjy inžener-tehniki çözgütler, gurluşyk meýilnamalarynyň düzülişi, sanly dolandyryş ulgamynyň aýratynlyklary bilen tanyşdylar.

**Tirkeş JUMADURDYÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.**

# UMUMADAMZAT BÄHBITLI FORUM

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty bütin dünýäde deň mümkinçilikler barada ählumumy dialogy ilerletmekde möhüm meýdança boldy.

Hazaryň türkmen kenarynda geçirilen forum dürli döwletleriň, halkara guramalaryň wekillerine ileri tutulýan milli ugurlar we möhüm wezipeleri çözmekdäki garaýyşlar bilen tanyşmaga mümkinçilik döretdi. Forumyň esasy maksady deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň geografik ýerleşişi bilen baglylykda ýüzbe-ýüz bolýan bökdençliklerini aradan aýyrmaga mümkinçilik berjek netijeli gurallary işläp taýýarlamakdan ybarat boldy.



Giň gerimli maslahatyň netijeleri boýunça kabul edilen esasy resminama bolan täze onýyllyk maksatnama — Hereketleriň Awaza maksatnamasyna geçilmegi bilen, ählumumy hem-de sebit derejesinde ulag, energetika, söwda-ykdysady, sanlylaşdyrma ýaly ugurlarda tagallalary birleşdirmek forumyň esasy netijeleriniň biridir. Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň durnukly ösüşini üpjün etmäge saldamly goşant goşar.

**Gözel ANNAGELDIÝEWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.**

TÜRKMENGAZ

# TEBIGY GAZY TYGŞYTLY WE HOWPSUZ ULANALYŇ!

04

**Ýurdumyzda alnyp barylýan parasatly döwlet syýasatynyň netijesinde türkmen halkynyň maddy hal-ýagdaýy yzygiderli gowulandyrylýar. Şeýle eşretiň bir bölegi öýlerimizdäki rahatlyk hem-de ýylylykdyr. Ýylylygyň esasy çeşmesi gaz bolup durýar, çünki gaz iň amatly ýangyç hökmünde bireýýämden bäri durmuşymyza pugta ornaşdy. Ýöne welin, gazyň örän howply bolup durýandygyny asla unutmak bolmaz. Şonuň üçin hem ony ulanan mahalyňyz örän seresap bolmaly, gazdan peýdalanmagyň howpsuzlyk düzgünleriniň sähelçe bozulan ýagdaýynda, diňe bir düýpli weýrançylyklara we ýitgilere däl, eýsem, adam pidalaryna hem duçar bolunýar. Hususan-da, şol düzgünleriň berjaý edilmezligi partlamalara, ýangynlara we ýanan gazdan emele gelen zäherli galyndylar bilen zäherlenmek ýaly hadysalara eltýär.**

**Gaz bilen baglanyşykly betbagtçylykly ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygy üçin aşakdaky düzgünleri berjaý ediň:**

— gaz enjamlaryny ulanmazdan ozal olaryň guratlygyny barlap görüň;

— gaz enjamynyň burmasyny (kranyny) açmazdan ozal ýakylgy otluçöpi ýa-da çakmagy oduň ýanýan ýerine (gorelkasyna) golaý eltiň;

— gaz enjamynyň howurpejinde ot ýakmazdan öňürti ony 2-3 minutlap ýelejirediň;

— gaz enjamlaryny ulanýan mahalyňyz penjireleri açyp goýuň;

— tüsseçykaryjysy bolan gaz enjamlaryny her gezek açan (işleden) mahalyňyz onuň tüsse çekişini barlaň. Munuň üçin ýakylan otluçöpi ýa-da çakmagy oduň ýanýan ýeriniň deşijegine golaý tutup görüň. Eger ýalyn telpejigiň (kolpagyň) aşagyna ýa-da oduň ýanýan ýerine tarap sorulsa, onda turbanyň dartyşy bar, eger ýalyn bir gapdala sowulýan bolsa, onda turbanyň tüsse çekişiniň ýok boldugy. Gaz bilen zäherlenmezlik üçin şonuň ýaly dartyşy bolmadyk gaz enjamlaryndan peýdalanmak gadagandyr.

**Gaz enjamlaryny ulanýanlara şu aşakdakylar gadagan edilýär:**

— işläp duran, ýagny ýanyp duran gaz enjamlaryny gözegçiliksiz galdyrmak;

— kiçi ýaşly çagalara gaz enjamlaryndan peýdalanmaga ýol bermek;

— jaýlary gazlaşdyrmak işlerini rugsatsyz özbaşdak geçirmek we gaz enjamlaryny gaýtadan oturtmak hem-de çalşyrmak;

— ýanýan oduň kömegi bilen gazyň syzýan ýerini gözlemek;

— jaýyň içini gyzdyrmak maksady bilen gaz plitalaryndan peýdalanmak.

**Gazyň ysy peýda bolan mahalynda şu aşakdaky çäreleri geçirmeli:**

— haýal etmän, gaz enjamlaryndan peýdalanmagy bes etmeli we gaz enjamlaryna gelýän hem-de gaz enjamlaryndaky burmalary (kranlary) ýapmaly;

— içerä şemal çaldyrmak üçin penjireleri we gapylary açmaly;

— elektrik enjamlaryny işletmeli däl, eger olar ozaldan işläp duran bolsa, olary öçürmeli hem däl;

— ot ýakmaly däl we çilim çekmeli däl;

— 04 belgili telefon boýunça gaz hojalyk edarasyna habar bermeli.

**«Türkmengazüpjünçilik» birleşigi.**

## HALKARA FORUMDA ÝOKARY NETIJELER GAZANYLDY



«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän 2025-nji ýyl dürli şanly wakalara baý boldy. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň geçirilmegi döwletimiz we dünýäniň onlarça ýurtlary üçin şeýle wajyp ähmiýetli çäreleriň biri bolup durýar. Gerimi örän uly bolan foruma birnäçe döwletleriň Baştutanlarynyň, abraýly halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň hem-de wekilleriniň gatnaşmagy onuň abraýyny has-da artdyrdy.

Forumyň çäginde geçirilen maslahatlaryň dowamynda Türkmenistanyň ählumumy abadançylyk, howpsuzlyk, durnukly ykdysady ösüşi gazanmak ugrunda halkara gatnaşyklary pugtalandyrmak, durnukly energetika, ulag-logistika, aragatnaşyk, ekologiýa, daşky gurşawy goramak ugrundaky hyzmatdaşlyklary giňeltmek boýunça öňe sürýän başlangyçlary goldanyldy.

Çäräniň esasy wezipelerine Parlament forumynyň dowamynda seredildi. Munda Hereketleriň Wena maksatnamasyny durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly gazanylan tejribäni paýlaşmak we Hereketleriň Awaza maksatnamasyny durmuşa geçirmäge ýardam bermek üçin mümkinçilikleri döretmek, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň parlamentleriniň öz kanun çykaryjylyk we beýleki işlerine Hereketleriň onýyllyk maksatnamasynyň ileri tutulýan ugurlaryny girizmek üçin anyk çäreler barada düzgünler taýýarlanyldy.

Bu halkara forumda dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi üçin wajyp bolan meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy öňde goýlan maksatlara ýetmäge, sebitara we halkara söwda-ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmäge ýardam eder.

**Bahar ANNAÝEWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky HNGU-nyň mugallymy.**

## ÝAŞLARA ÄHLI ŞERTLER DÖREDILÝÄR

**Häzirki döwürde ýaşlarymyzyň giň dünýägaraýyşly, ylym-bilimli bolmaklary üçin ähli şertler, giň mümkinçilikler döredilýär. Şonuň üçin hem ýaşlaryň döwrebap bilimli bolmaklary, sanly tehnologiýalary başarjaň dolandyrmaklary üçin netijeli işler durmuşa geçirilýär.**

Şunda ýaşlara döwrebap bilim bermek, sanly tehnologiýalaryň mümkinçiliklerini düşündirmek, dünýä dillerini öwretmek, milli ruhda terbiýelemek bilim ulgamynda amala aşyrylýan işleriň baş maksady bolup durýar. Ýaşlarda röwşen geljegi görýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jaýdar belleýşi ýaly, ata Watanymyzda kämil, giň gözýetimli, maksada okgunly, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, ýokary hünärli, taýýarlykly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek üçin ähli tagallalar edilýär. Munuň özi ýaşlara bildirilýän uly ynamyň, çäksiz hormatyň we ýaşlar hakynda edilýän aladanyň aýdyň nyşanydyr.



Hormatly Prezidentimiz tarapyndan döredilýän şeýle ajaýyp mümkinçilikler ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek bilen, bu günki ýaş nesliň terbiýeli, zähmetsöýer, watansöýüji, bilimli, kämil hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin durmuşa geçirilýän oňyn işler öz-üniň ajaýyp netijesini-de berýär.

**Ogulgerek ABDYÝEWA,**
**«Türkmennebit» DK-nyň Balkanabat nebitçilik orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.**

## BILIM ÝOLUNYŇ ŞUGLASY

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda toýlarymyz toýlara, baýramlarymyz baýramlara ulaşýar. Şanly ýylyň Bilimler we talyp ýaşlar güni hem ýetip gelýär. Täze okuw ýylynda körpeleriň münlerçesi ilkinji gezek mekdeplere gadam basar hem-de hormatly Prezidentimiziň adyndan kompýuter sowgadyny alar. Ýaşlaryň uly topary bolsa ýokary we ýörite orta okuw mekdepleriniň 1-nji ýyl talyplary bolar. Täze okuw ýylynyň öňüsyrasynda ýurdumyzyň öňdebaryjy bilim işgärleriniň awgust maslahatlaryny geçirmek meýilleşdirilýär.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim ulgamyny kämilleşdirmäge, ýaş nesle berilýän bilimiň ýokary hilini üpjün etmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak hem-de ýaşlaryň döwrebap bilim almagy boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Bu işleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýurdumyzyň bilim ulgamynda alnyp barylýan özgertmeler oňyn täsirini ýetirýär. Netijede, bilim ýolunyň şuglasy has-da nurlanýar.

**Ýslamberdi TYLLANUROW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

## DEŇIZ ÜZÜMI



Deňiz üzümi sargassum suwotulary maşgalasyna degişli bolan goňur suwotularynyň bir görnüşidir.

Olar, köplenç, topar bolup ösýärler. Bir toplumynyň uzynlygy 10 metre ýetip biler. Baldaklarynda we ýapraklarynda tegelek şarjagazlar emele gelýär. Olar ýaşyl, sarymtyl, zeýtun-goňur we zeýtun reňklerde bolýar. Ol daş keşbi boýunça kiçijik üzüme meňzeýär. Şonuň üçin oňa deňiz üzümi diýilýär.

Deňiz üzüminiň birnäçe peýdaly taraplary bardyr. Esasy peýdasy ganda kislorodyň daşalmagyny kadalaşdyrýar. Ol deri öýjükleriniň, saçlaryň we dyrnaklaryň berkligini goldaýar. Galyberse-de, ol holesteriniň derejesini kadalaşdyrýar. Diňe bir adamyň däl, eýsem, gurçuklaryň hem ünsüni özüne çeken bu suwotulary Ýaponiýada el bilen ekýärler we takmynan, 8 hepdeden soň ýygnaýar. Ony deňiz suwy bolan gaplarda ýörite ekýärler.

**Taýýarlan Ogulgerek ZAKIRJANOWA,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.**




Düzen Ýazgeldi KÖMMIÝEW,
«Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň «Marynebitgazgözleg» ekspedisiýasynyň çylşyrymly işler boýunça ussasy.




### DIKLIGINE:

1. Jebir, jepa, ezýet. 2. Tiz, çalt. 3. Gapana dakmak üçin ulanylýan labyr şekilli ilgençek. 4. Argentina bilen Çiliniň arasyndaky çöl. 5. Tutýan meýdany boýunça dünýäde iň kiçi döwlet. 6. «Gowy, ýagşy» ýaly sözleriň antonimi. 7. Aziýanyň merjen şäheri. 9. Köplenç, bugly, çygly tutuk howa gatlagy. 10. Gyz ady. 15. Öýüň serpigini açyp ýapmak üçin ulanylýan uzyn göni agaç. 16. Şugundyrdan alynýan önüm. 17. Umyt, isleg.

### KESELIGINE:

1. Amerikanyň bir ştaty. 4. Birine ýüzlenilende, köpçüligiň ünsi çekiljek bolanda ulanylýan ümlük. 6. Bir zadyň kenary, gyrasy. 8. Sygyr çopany (köne söz). 11. Nusaý şa zenany ... şa. 12. Düşegiň bir görnüşi. 13. Uzakdaky bir zady görkezmek üçin ulanylýan söz. 14. «Alybaba we kyrk garakçy» hindi kinosyndaky Alybabanyň agasynyň ady. 16. «Ýagşy, gowy, hiç neneň däl» ýaly sözleriň sinonimi. 18. Mälim, aýdyň. 19. Zarba. 20. Sada, ýönekeý häsiýetli.

### GAZETIŇ 31-nji SANYNDA ÇYKAN KROSSWORDYŇ JOGAPLARY

**DIKLIGINE:**

1. Di. 2. Suw. 3. Hum. 4. Ne. 5. Magtanmak. 7. Millimetr. 9. Eýe. 10. Ine. 12. Läheň. 13. Serwi. 17. Ata. 18. Lýa. 21. Pir. 22. Nan. 24. It. 25. Aň.

**KESELIGINE:**

1. Desterhan. 5. Mi. 6. Em. 8. Wehim. 11. Gül. 13. Sol. 14. Äşe. 15. Ele. 16. Era. 18. Luw. 19. Maň. 20. Ile. 21. Palan. 23. Ki. 25. Ar. 26. Türkmeniň.




**147-nji mesele:**




△ +-

### GAZETIŇ 30-njy SANYNDA ÇYKAN 146-njy MESELÄNIŇ ÇÖZGÜDI:

**1. Rb8! Rxb8 2.Pxe5 + Şg8 3.Pxb8+ -**

*Küşt meselesini taýýarlan Ýazbike ÖWEZOWA, Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebiniň tälimçi mugallymy.*

NEBIT-GAZ
ESASLANDYRYJYSY — «TÜRKMENGAZ» DÖWLET KONSERNI
HEPDELIK GAZET

Baş redaktoryň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Mämmet MÄMMEDOW

**Redaksiýanyň salgysy:** 744036, Aşgabat şäheri, Arçabil şaýolunyň 58-nji jaýy.
**E-mail: nebit-gazgazeti@oilgas.gov.tm**
**Telefonlarymyz: Kabulhana:** 44-08-48.
**Jogapkär kätip:** 44-08-40. **Faks:** 44-19-13.
**Bölümler:** 44-08-30, 44-08-39, 44-08-42, 44-08-51.

**Welaýatlardaky habarçylarymyz: Balkanda** - 2-80-52, **Daşoguzda** - 2-48-90, **Lebapda** - 3-26-83, **Maryda** - 6-04-93.
Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi: A3. A-116898
Gazetiň belgisi: 69500. Möçberi: 8 sahypa.
Nusgasy: 19528. Bahasy: 1 manat 99 teňňe.



Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi jogap berýär. **Telefony:** 39-95-36.